# Jadygöýe öwrülen jady

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jadygöýe öwrülen jady JADYGÖÝE ÖWRÜLEN JADY




*Wladimir Putin olaryñ ne ilkinjisi, ne-de ahyrkysy. Jady öñki döwürlerden bär we adamlaryñ arasynda hiç kimsäniñ haçan geljegini bilmeýän kyýamat gününe çenli-de bolar*
*Ilýustrasiýa: Frank Halli-Jons / «The Washington Post» gazeti.*

Her jadygöýüñ özüne mahsus emelleri bolýar we bular döwürleýin faktoryñ getiren üýtgeşmeleriñ ýany bilen bile ýerleýin şertleriñ üýtgeşmesine görä-de maksatlary taýdan tapawutlylyk görkezýär.

Munuñ özi jady ulanýan adamy ýetjek bolýan maksatlaryny halkyñ kabul etmegini gazanmak üçin birden köp emel ulanmaga mejbur edip biler.

Tomaşaçylaryñ gözüniñ alnynda olary öz hyýaly güýji bilen emele getiren zadyna boýun etme ukybyny ussatlyk bilen sereşledigiçe alkyş sesleri we şowhunly el çarpyşmalary asmana galýar.

Emma gözleri, hatda gulaklary hernäçe ussat aldama ukybyna eýe bolsa bolsun tapawudy ýok, hiç bir jadygöý jadynyñ öz garşysyna ýöremejegine we garaşylmadyk ýagdaýda öñünden

gazanan el çarpyşmalarynyň ýom-ýok bolmajagyna kepil geçip bilmez.
Faraonyň jadygöýleri özleriniň üstün çykjagyny pikir edip, baýram gününde üýşenleri taýaklary we ýüpleri janly ýylana öwrüp biljek güýje eýediklerine ynandyraýjak oýun gurap, olary aldamadylarmy?
Hawa, ýöne hudaýtarapyn güýç olaryň barsyndan ýokardady we Hezreti Musa pygamberiň (a.s) hasasy ýeňiji bolupdy.
Men bärde Russiýanyň döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putine «jadygöý» diýmek bilen ony ýaňsylamak ýa-da global arenadaky ornuna dil uzatmak ýaly maksadym ýok.
Kremliň hojaýynynyň nähili ornunyň bardygy diňe soňky bäş ýylda däl, 23 ýyl öň Russiýadaky piramidanyň çürbaşyna dyrmaşyp çykan gününde belli bolupdy.
Ol ruslara geçmişiň ham-hyýallaryna çümüp ýörmegiň ýerine, muzeýlerde we «Beýik Russiýa» atly kitaplaryň sahypalarynyň arasynda uklap ýatan ystyhana (sklete) täzeden dem bermegine ýardam etseler, öňe gidip onlarça ýyllyk taryhy dolap getirjeklerini buşlady. Buşlaýşy ýalam boldy.




Putin prezident wezipesine gelmänkä, ýagny 2000-nji ýylda Kremliñ açarlaryny özüne berjek Boris Ýelsiniñ döwründe premýer-ministrlik edip başlan 1999-njy ýylyndan bäri okgunly ykdysady maksatnamany durmuşa geçirmäge başlady.
Jadygöýiñ wezipesi tomaşaçyny haýrana goýmak bolsa, onda Putin soñky ýigrimi ýyldaky möhüm dünýä hadysalarynyñ akymyny synlap duran tomaşaçylary haýran galdyrmagy başardy.
Mysal üçin, 2014-nji ýylyñ 20-nji fewralynda Kremliñ hojaýynynyñ Krymy basyp almagyna hemmeler geñ galypdy. Putin birküç günüñ içinde adanyñ Russiýa birikdirilendigini mälim edipdi.
Bu waka «Sowuk urşuñ» soñlanan wagtyndan bäri Russiýa bilen Günbataryñ arasynda bolup geçen iñ uly konfliktdi.
Emma Wladimir Putin şol wagt Günbataryñ nägileligine üns bermeýşi ýaly, sanksiýa güwwüldisiniñ täsiri-de o gulagyndan girip, bu gulagyndan çykýardy.
Ol Sowet Soýuzynyñ dargamagy, Berlin diwarynyñ ýykylmagy, yzyndan Ýelsiniñ döwründe ýurtda emele gelen haos we dünýä arenasyndaky şowsuzlyklar netijesinde ýitirilen at-abraýy

dikeltmek üçin alyp barýan işlerini ýygjamlaşdyrdy.
2015-nji ýylda Krymyň anneksirleginiň yzysüre «jadygöý» Putin dünýä başga bir hokgasy bilen haýrana goýdy.
Siriýada dowam edýän front liniýasyna girip, siriýa hökümetiniň şkalasyna ýurdunyň labyryny taşlady. Şeýdibem Beşar Esadyň režimini halas etdi we ol ýerde bolup geçýän «milletler oýnunyň» düzgünlerini düýpgöter üýtgedip taşlady.
Bu operasiýanyň netijesinde YŞYD-niň ähli front liniýalarynda kül-peýkun edilmäge başlanandygyny aýtmak ýalňyş bolmaz.
Geçen ýekşenbe Ukrainany basyp almak üçin turzulan urşuň 500-nji güni doldy. Bu garaşylan sýurpizdi.
Emma urşuň gidişi 2022-nji ýylyň 1-nji fewralynda ýazan makalamda aýdyşym ýaly munuň Siriýadaky ýaly hezillik bilen gutarmajagyny subut etdi.
«Wagner» goşuny Putiniň «jadysy» bilen ýasalan elhençlik paýlaýan oýunjakdan zyýat gana bulanan oýunjakdyr.
Emma seretseňizläň, şindi ol özüni öňe çykaran adamyň garşysyna dikildi we hiç kimse onuň soňunyň nähili gutarjagyny bilenok.
Öňküler näme diýipdir, bilýäňizmi:
«Ikinji gezek bular ýaly nesibeli bolmanam bilersiň».




Bekir UWEÝDA.
Penşenbe, 13.07.2023 ý. Publisisistika